# Duralga

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Duralga DURALGA

Beýnim kötekledi ýalňyşan çagym,
Ýüregim dymdyda ynjady diňe.
Men baryny bir ýan goýup ýene-de,
Gözüm ýumuk halda ymtyldym öňe.

Ýaz bu duralgady başagaý ömrüň,
Menzili näbelli awtobuslarna.
Ylham idäp bakdym ýördüm intizar,
Bu topragyň ir sowulýan gyşlarna.

Setirlermi ömrüň lebzi hasaplap,
Ýaşlygma ukusyz gijeler satdym.
Kalby örtän soraglaryň jogabyn,
Oba agşamlarnyň tümünden tapdym.

Annabeg AÝMAKOWA,
Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby. Goşgular